**Kybapdaş**

Otagyna kürsäp giren Mergeniň gözleri uçkanaklap durdy. Yzyna bakman gapyny çaltlyk bilen ýapdy-da, kompýuteriň öňünde bir zatlara güýmenip duran dostunyň ýanyna ylgap diýen ýaly bardy. Aýlanýan oturgyçda bir aýlawy geçip yzyna öwrülen Myrat garşysyndaky Mergeniň bolup durşuny gördü-de saklanyp bilmän pyňkyrdy:

-Salam dostjan! Sen nire, bu ýerler nire? Sen bu sagatlarda öýe gelmezdiňle. Beýle nä döw çaldy how saňa?

- Aý seniň ýadyňa oýun düşýär Myrat. Döw çalanok bir gyz çaldy welin entegem özüme gelip bilemok. Meni özüme getiresiň gelýänem bolsa haýyşymy ýerine ýetirmeli borsuň.- Uludan demini aldy-da kostýumyň jübüsinden bir poçta kartyna meňzäp duran suraty çykardy-da dostunyň öňüne oklady. Ekrana seredip oturyşyna gapdalyna düşen surata gözüniň gytagyny aýlap goýberdi-de, ýylgyryp işine dowam etmäge durdy:

- Bu gyza bütin dünýä aşyk. Pesräkden birini tapyp bilmediňmi?

-Yok tapyp bilmedim! Näme düşünmediksirän bolýaňaý? Özüň dälmi ol gyzy başda şu artist gyza meňzeden? - Myrat egnini gysdy-da dostunyň ýüzüne seredip, “men-ä hiç zada düşünýän däldirin” diýýän ýaly çiňňerilip seretdi-de çynlakaý keşbe büründi:

- Hany durla! Sen kim barada aýdýaň? Men kimi kime meňzedipdirin?

- Suraýy senem tanaýarsyň-a. Hany hol gün biziň synypdaky Jereniň doglan gününi gutlamyzda senem şol ýerdediň. Okuwa bu ýyl giripdir, Sen şonda, “bäh, bu gyzyň şu gören kinomyzdaky gyza çalym edäýşini” diýip, gulagyma pyşyrdapdyň. Ilki bäşda onçakly ünsem bermändirin. Ýöne hakykatdan hem meňzeýän eken. Asyl şol günden soň ýüregim ot alaýdyda dost! Eýýam on gündür kellämde şol gyzdan başga zat ýok. Barja ünsüm dagady. Onsoň hem

meni bilýärsiň-ä, bu güne çenli meniň bilen diňe gyzlar gyzyklandy. Meniň pikirimçe häzirki başdan geçirýän zatlarym mende ilkinji gezek bolýar.

Myrat birden bir zat ýadyna düşen ýaly suraty garbap alyp, gowy edip synlady-da köp manyly başyny ýaykap dostuna uzatdy:

- Hawa ýadyma düşdi. Näme indi sen diňe, “hakykatdan hem meňzeýän eken, şony saňa görkezeýin” diýib-ä gelen dälsiň, dogry dälmi?

- Dostum sen surat çekmäge ökdediň-ä. Maňa surat albomyňdaky gara galam bile çekilen suratlaram görkezdiň. Eddiljek ökde suratkeşleriňki ýaly şeýle owadandy. Diýjek bolýan zadym – Mergen sözüniň bu ýerinde az-owlak sägindi-de suratly eliniň arkasy bilen maňlaýyny gaşady:

- Elimdäki surata seredip Suraýyň suratyny çekip bilermiň şony soraýyn diýip geldim. Maňa ýok diýmäweri dost. Öňem kän pikirlendim bu hakda. Daşgynrak ideşdirip gördüm. Çekilen suratlary örän halaýar eken. Umuman alanyňda, diýseň akylly we senem muňa ýok diýmersiň, gözellikde-de bu jelegaýda taý gözläp oturasy iş ýok. Ýeri näme diýýäň muňa? Kömek edersiňä indi.- Myrat dostuny diňledigiçe geň galmakdan ýaňa gözleri giňden açyldy. Näme aýtjagyny bilmän biraz durdy-da dostuna garap janygyp başlady.

-Bu aýdýan zatlaryňy gulagyň eşidýärmi seniň? How jan dogan! Men suratkeş däl ahyry. Ömrümde diňe ýekeje gezejik, onda-da ýüzleý gören gyzymyň, üstüne üstlik başga biriniň fotosuratyna seredip nädip suratyny çekeyin men? Nähili bolmajak zat isleyaniňi özüň bir pikir edip gördüňmi? - Dostunyň yalbarýan gözlerine seredip bilmän aşak bakdy. Mergen elindäki suraty bulaýlap dostunyň ünsüni ýene-de ol tarapa çekjek bolup çalyşdy:

Dostunyň häsiýetine belet bolan Myrat ýylgyryp durşuna ýuwaşrak diýýän ýaly elini aşak yokaryk galgatdy-da ýerinden turdy. Garşysynda duran dostunyň ýüzüne çäresizlik bilen seretdi-de bialaç egnini ýygyrdy:

-Mergen men saňa näme diýsemkäm? Bolar diýsem, üstesinden gelerden çökderräk seň munyň. Men saňa ýenede bir gezek suratkeşleri maslahat berýän. Isleseň bir tanyş bar telefonuny bereýin.

Asyl gepem şonda-da! Dogrusyny aytsam bu hakda pikir etmegem islämok. Etdigimçe hemme zady kynlaşdyrýan ýaly bolýaryn. Bolmajak zat diýen bolma. Menem seni tanarça boldum. Munuň hötdesinden geljegiňem bilyärin. Men islesem ökde suratkeşlere de çekdirip bilyardim. Yöne beýtsem hiç zadyň jadysy galanokda. Onu göremde alýan höwesimi, ylhamymy özüne de görkezesim gelyar. Suratyň aşagynana-da şu setirleri yazjak. – ol köyneginiň jübüsinden dil yaljak kagyzy çykaryp okap başlady. *"Seni görelim bäri adyň dilimden düşenok şonuň üçin goşgy düzyarin. Keşbiň hem göz önümden gidenok şonyň üçin ony ak kagyzyň yüzüne geçiryarin"* – neneň görýäň?

Dostunyň aýdan zatlaryny diňlän Myrat mylaýym ýylgyrdy-da dostunyň elinden suraty aldy. Gysga wagtlygyna gözüni ýumdu-da Suraýyň keşbini göz öňünde janlandyrdy, soňra surata seretdi:

- Bir synanyşyp göreýin. Ýöne söz berýän däldirin.

Suraty boldum edip ahyryn bir gapdala goýan hem bolsa näme üçindir hiç ynjalygy ýokdy. Ak kagyzyň ýüzündäki gyz keşbi nusgada meňzese-de ol däldigi bellidi. Ýigidiň yhlasy ýerine düşüpdi. Şeklini üýtgedip,milli egin eşige bürenen gözel gyz hyýalyndaky iki gyzdan hem owadandy. Pikirlenip oturuşyna eyyam näçinji gezek biygtyýar galama giden elini yza çekmeli bolupdy. Bir zatlar ýetmeýän ýalydy. Ak kagyzyň ýüzünde mähirli ýylgyrýan gyzyň keşbini synladygyça birhili galamy ýene bir gezejik gezdirse, dil açyp gepläberjek ýaly, galpyldap oturyşyna suraty has hem gowy bezemäge durdy. Suratyň başynda ýadawlygyna garamazdan umyt doly gözleri şatlykdan uçganaklap durşuna sagada seretdi. Sagat ir sagat bäşiň ýaryny görkezýärdi. Müýnürgäp gözlerini

kynlyk bilen suratdan aýyrdy-da, ýatmaga gitdi. Gapma-garşylykly pkirler biynjalyk edip goýmansoň, diňe daňa golaý çalaja ymyzgandy.

Okuwa baranynda öňünde irikgä bolup garaşyp duran Mergene suraty berdi. Mergen şatlykdan ýaňa çaga ýaly bökjekleýärdi. Surat-da şol günüň özünde hak eýesine gowuşdy. Suraty ilki gören badyna gyzyň haýran galmakdan demi tutulyp, burnunyň süýegi awuşap gitdi. Ahyrynda suratdan kynlyk bilen başyny galdyran Suraý öňünde hiç zady oslaman duran bagtyýar Mergene ilki bilen minnetdarlyk bildirdi, soňra bolsa sorag ýagdyrmaga başlady.

* * *

Öz işine gümra bolup oturuşuna ýanyna biriniň gelenini hem duýman galdy. Kellesini galdyryp sereden dessine doňup galdy. Kitaphanadaky hemme zatlar daşyndan pyr-pyr aýlanýardy. Göni garşysynda duran gyzyň beren salamyna aljyraňňy ýagdaýda salam diýse-de näme diýenini özü eşitmedi. Suraý oglanyň bolup durşuna  gülküsi tutdy. Göýä günä iş edip tutulan ýalydy. Gyzyň dogumly bakyşlaryndan ýigidiň bugüne çenli hiç wagt datmadygy bir duygy çogup çykýan ýaly endam-janyny lerzana getirýärdi:

- Siziň adyňyz Myratdy öýdýän, ýalňyşamok gerek?

Çalaja ýuwdunyp, başyny atdy-da gözüni gyzyň bakyşlaryndan gaçyrdy:

- Sizem onda Suraý bolmaly.- gyz mylaýym ýylgyrdy-da ýuwaşlyk bilen başyny egdi.